KÜLTÜR BAKANLIĞI / 1796
HALK KÜLTÜRLERİNİ ARAŞTIRMA VE GELİŞTİRME
GENEL MÜDÜRLÜĞÜ YAYINLARI: 228
SÜRELİ *YAYINLAR DİZİSİ*:31

# TÜRK HALK KÜLTÜRÜNDEN DERLEMELER 1994

Ankara 1996

# TÜRKMEN NAKILLARI WE ATALAR SÖZİ

**Prof. Dr. Sapar KÜRENOW**

Türkmenista:n ö:züniñ garaşsızlığı ıgla:n eden gününden başla:p diyen ya:lı daşarı yu:rtlar bilen, şol sanda Türkiye Cumhu:riyeti bilen hem, sıya:sı, ikdısa:dı we medeni gatnaşıkları yokarı döwlet derejesinde yo:la goydı. Türkeminsta:ndan yüzlerçe ve müñlerçe okuwçılar, asprantlar Türkiyä: gelip, onun dürli säherlerinde we dürli okuw ja:ylarında okaya:rlar, bilim alya:rlar. Hä:zirki zama:n türkmen intelligentleri, durmuşıñ her hili ugurlarından bolan ya:ş i:şgärler Türkiyä: gelip, döwleti sosia: l-medeni ve ıktısa:dı ta:ydan eda:ra etmeğiñ tä:rlerini öwrenyä:rler ö:z gezeginde Türkiyä:nın oğulları hem Türkmenista:nda dürli okuw ja:ylarında okaya:rlar Türkmen döwletini ösdürmegiñ ha:tı:rasına dürli hili obyektlerde zähmet cekyä:rlar.

Aslında ga:nı we di:ni bir bu iki halkıñ şunuñ ya:lı peyda:lı gatnaşıkları durmuşa geçirip, para:hat ya:şaya:n döwründe oların ö:z bi:ri-birleriniñ medeni we ru:hı ba:ylıklarını bilmekleriniñ, edebi gatnaşıkları yo:la goymaklarınıñ ha:s ayratıñähmiyeti ba:rdır. Şu maksat bilen biz türkmen halkınıñ aja:yip medeni mi:rası bolan nakıllarınıñ, atalar sözüniñ we matallarınıñ bir bölejigini, nusga hökmünde, gi:ñ Türk köpçüligine yetirmegi ma:ku:l bildik. Munuñ üstesinde de biz ha:zirki Türkiye'de aslı gadı:mı oguz türkmenlerinden bolan millionlarça türkmenleriñ o:ba - o:ba bolup ya:şaya:ndıklarını göz önünde tutduk, olara ö:z ata-ba:balarınıñ pähimlerinin, nakıllarınıñ, matallarınıñ umumitürki halklarıñ genji-hazınası we ru:hı ba:ylıgı hökmünde hemi:şe ya:şa:p gelyä:ndigini bildiresimiz geldi.

Ça:pa hödürlenilyä:n bu nakılları, atalar sözüni matalları biz wagtinda Stawropol türkmenlerinden, ö:z husu:sı arhi:bimizdä:ki materia:llardan topladık. Ga:liberse-de Türkmenistan ılımlar akademiya:sınıñ Golyazmalar fondunıñ ba:y materiallarından, folklo:rçı a:lımlar B. Garrı:yewiñ, M. Saka:li:niñ, K.

Osma:nowığñ (1940), K.Berkeliyewiñ (1961, 1983), A.Guli:yewiñ, A.A:nnanu:rowıñ, G.Gulı:yewa:nıñ (1963). G.Gurba:nowıñ, B.Welı:yewiñ we J.Ilya:sowıñ (1982) A. Ba:ymıra:dowıñ (1989) ayrı-ayrı yıllarda neşir eden i:şlerinden peyda:landık.

Biz bu neşirde latı:n ḫatına esa:slanan täze türkmen eliphiyini goldanmagı, türkmen sözleriniñ otnosi:tel dogrı aydılışını yüze çıkarmak üci:n uzı:n çekimlileri şol çekimlilerden soñ iki nokat goyup bermegi ma:ku:l bildik.

Nebsimiz a:gırsa-da, neşirde kä:bir harpları täze elipbi-yimizde kabu:l edilişi ya:lı edip bermek mümkün bolmadı. Mümkün bolanlarıñam okalışı we yazılışı Türk Okı:jıları üçi:n çapraz boljak. Şoña görä: de esası okı:jılar köpçüliği hökmünde göz öñünde tutanımız, esa:sa:n, Türkiyeliler, şol sa:nda Türkiyede ya:şaya:n türkmenler bolya:ndığı üçi:n täze kabu:l edilen türkmen elipbi:yinin gış, gılık diylendä:ki başta gelya:n y harpına derek (yagnı y yerine)- Türkleriñ ö:zünde ulanılya:n y harpını almalı bolduk (gış, gılçık; yaydanmak, we ş.m.)

* A:ç towuk dü:yşünde darı görer.
* A:dam sözleşe-sözleşe tapışar,
  haywa:n-ı:sgaşa-ı:sgaşa.
* A:dam gezmez, a:dı gezer.
* A:dam eli-bal.
* A:dam a:lası içinde, haywa:n a:lası daşında.
* A:damıñ göwnünde arslanıñ yatagı ba:r.
* A:damıñ a:damdan parlı köp.
* Agaç ba:rlı bolsa-da, başı aşa:kdır.
* Agaç kesseñ uzı:n kes, - kesse bolar.
  demir kesseñ gı:sga kes, - sü:yse bolar.
* A:gadan ata bolmaz, yeññeden - eje
* A:gıl iti ö:ç bolsa, bö:ri görse bi:riger.
* A:gıl itsiz bolsa, doñuz depä:çıkar.
* A:gıruw aşdan, da:w garındaşdan.
* A:gıruw agızdan gi:rer, bela: agızdan çıkar.
* Agız görki di:ş, göz görki ga:ş.
* A:glamadık oglana emjek yo:k.
* Agsak - akıl, daz-bahı:l.
* Agsak keyik müñ torsuga tutdurmaz.
* Agsak alsañ, sag dogar,
  tentek alsañ, so:y dogar.
* Agşamlıgını tapan erti:rligini gaygı etmez.
* Agşamıñ hayrından erti:riñ şeri.
* Agza:la i:le baş bolma.
* Agzıbi:rlik hemme za:tdan gü:yçlüdir.
* Agzıbi:re huda:y bi:r, agza:lanı gañrıbi:r
* Ajal geler yorta-yorta,
  kime bu gün, kime erte.
* Ajal göz bile ga:şıñ a:rasında
* Ajala derma:n yo:k

* A:jıgan ölmez, alñasa:n öler
* A:jıñ gözi ekmekde,
  dokuñ gözi hikmetde.
* A:jıñ a:nı bolmaz
* A:jısı bolmadığın sü:ycüsi bolmaz.
* A:k gün a:gardar, gara gün garaldar.
* Akmagıñ dilinde, akıllı:nıñ elinde.
* Akmak mı:hma:n öy eyesine hödür eder.
* Akıl aynamaz, altın çü:yremez.
* Akıl ya:şda bolmaz, başda bolar.
* Akıl öler, ada:lat ölmez.
* Akıldan artık ba:ylık yo:k
  saglıkdan gımmat za:t yo:k
* Akıllı öwrener, akmak öwreder.
* Akıllı yigit yo:la elter,
  akmak yigit yo:lı yitirer.
* Akıllı i:lçi i:l düzer,
  yaman i:lçi i:l bozar.
* Akılsız ba:y bolandan, akıllı geday bol.
* Aklıñ bolsa akıla eyer, akılıñ bolmasa, -nakıla.
* Akılıñ bolmasa, yır diñle.
* A:la towuk arpa saçar,
  öz aybını ö:zi açar
* Alar-alar diyseñ, a:la köpegem alar.
* A:lda:n ha:ldadır, a:ldanan yo:ldadır.
* Aljagını bilse alla:sını gözlemez.
* Alla:sız çöp başı gı:mıldamaz.
* Alma öz agajından uzak düşmez.
* Alma biş-agzıma düş.
* Altı a:gañ bolup, ata bolup bilmez
  yedi yeññeñ bolup, ene bolup bilmez
* Altı ya:şa:r yo:ldan gelse,
  altmış ya:şa:r a:ldından çıkar.

* Altın-kümüşüñ kö:nesi bolmaz,
  Ata-enä:nıñ bahası bolmaz.
* Altın çıkan yerinde gımmat.
* Altın yerde yatmaz,
  yagşılık yo:lda ga:lmaz,
* Altını aya:n a:ç bolmaz.
* Altı:ñ agzı bir bolsa, asma:nda:kı:nı alar,
  altmışıñ agzı a:la bolsa elindä:ki:ni aldırar:
* A:lım bolmak añsa:t, a:dam bolmak kı:ñ.
* Alıs yeri yakı:n eden at-tañrı:m,
  ya:t i:li yakı:n eden gı:z-tañrım.
* Alısda:kı duşma:ndan ayak añda:n do:st yagşı.
* Alısım yowuk boldı, ikewüm üçew.
* Ana-gazna, ata-yezne.
* Anasız oglan günde yeti:m,
  atasız oglan toyda yeti:m.
* Araba:ñ yamanı yo:l bozar,
  molla:ñ yamanı-di:n.
* Arafa da:gına çıkanda, her kim ö:z
  kowmunı gözlä:r.
* Arkalı köpek gu:rt alar.
* Arkasız ä:r da:wdan gaçar.
* Arıklıkdan at ölmez, yortuşına guwanar.
* Arpa tapmaz atına, nöker topla:r götüne.
* Aş bermek-aslı bolan ba:ydan.
* Aşı berseñ, a:ja ber, doka berseñ gadrı yo:k.
* A: şıklık görk islemez.
* Aşım a:z bolsa-da, yalagim gi:ñ bolsun.
* Aşını aya:n aşa yeter, do:nunu aya:n - toya.
* Aşını yaşıran - aş bolmaz,
  ya:şını yaşıran - ya:ş bolmaz.
* At alma, eyer al, öy alma, - göñşı.

* At basman diyen yerine müñ basar.
* At bolmak taydan, yigit bolmak soydan.
* At erinlek bolsun, ä:r - burunlak.

!* At a:rmaz, göwün a:rar.
* At ayagı tentek, basman diyen yerine müñ basar.
* At ürken yerinden, ä:r gorkan yerinden.

Ata ba:rka:, ogul ya:ş,

a:ga ba:rka:, ini ya:ş.
* Ata-enä:nin göwni ogulda, gı:zda,

ogul-gı:zıñ göwni dag bile düzde.
* Ata gargışı ok, ene gargışı bok.
* Ata:ñ garrasa gaç.
* Ata:ñ bermediğini ba:zar berer.
* Atıñ ba:rlıgında yo:l tanı:,
ata:ñ ba:rlığında i:l tanı:
* Atjak oglan gizlä:p geler,

atmajak oglan çenä:p geler.
* Atlan - atlan diyende, atı yo:klar öküner,

i:lin yagi çapanda, sowdı yo:klar öküner.
* Atı ba:rıñ ga:natı ba:r.
* Atılan ok da:şdan gaytmaz.
* Atıñ ayagına na:l kaksañ, eşek hem ayagını galdırar.
* Atlı:ñ ırsgı a:lnında.
* Atıñ başına i:ş düşse, agızdırıgı bile suw içer, yıgidiñ başına i:ş düşse,

ä:digi bile suwa gi:rer.
* A:wçı et iyer, atını it iyer.
* Ay dogsa, ä:lem görer.
* Aya:l garrasa, görki gider,

ä:r garrasa, erki gider.
* Aya:lı bolmadıgıñ hıya:lı bolmaz.
* Aybını yaşıran aynalmaz.

* A:yda baralı, ama:n baralı.
* Aydıp etdirip bolmasa, urup etdirip bolmaz.
* Ayrana gelen okarasını yaşırmaz.
* Ayıplı:nıñ yüzi soluk.
* A:z bolsun, u:z bolsun.
* A:z geple, köp diñle.
* Aza:pdan gaçanıñ egni bitmez.
* Aza:psız yeriñ a:dı yo:k.
* A:zaşanıñ aybı yo:k, aylanıp ı:zın tapsa.
* A:zırganan a:ç ga:lar.
* Bagtıñ yatsa, düyä:nıñ üstünde it ya:rar.
* Bahı:l ba:zara gitse, şum habar getirer.
* Bal tutan barmagını yala:r.
* Bal sü:yji, baldan ba:la sü:yji.
* Bal ba:tmanı mün tılla: aljak şonda-dar alar,
  bal ba:tmanı bir tılla:, almajak şonda-da almaz.
* Ba:lıgıñ di:riligi suw bilen.
* Ba:lık iyen etsiremez,
  eşek münen atsıramaz.
* Barar guşuñ başı añrı:
* Barılmadık yerde eşidilmedik habar ba:r.
* Ba:rını goyan uyalmaz.
* Ba:rı bilen ba:zar eyle.
* Ba:rlı:nıñ yüregi suwlı.
* Ba:rlı günüm mı:hma:n gelse,
  Göterliba:n şa:t boldum.
  Yo:klı günüm mı:hma:n gelse,
  Örteniba:n o:t boldum.
* Ba:rlı magtansa tapılar,
  yarlı magtansa çapılar.
* Ba:tırıñ üstüne ba:tır gelse ba:tırlıgı za:ya,
  şa:hırıñ üstüne şa:hı:r gelse, şa:hı:rlıgı za:ya
* Ba:tırıñ aybını açma.

* Baş bolmasa göwre lä:ş.
* Başa bela : geler bolsa,
  iki barmak dilden geler.
* Başa bela: dilden geler.
* Başda akıl bolmasa, iyi ayaga gü:yç düşer.
* Başı yo:guñ aşı yo:k.
* Başı sagıñ ma:lı tükel.
* Ba:y ba:ya berer, hudayam-ba:ya.
* Ba:y a:jıganda iyer, garı:p - tapanda.
* Ba:y ma:lını bahı:l gassanar.
* Ba:y bolupdır diyseler ınan, patışa bolupdır diyseler ınan, gedap bolupdır diyseler ınan, emma gılık-hä:siyeti üytgä:pdir diyseler ınanma.
* Ba:yı ma:l basar, garı:bı - maşgala.
* Ba:yıñ i:şi perma:n bilen,
  yarlı:ñ i:şı arma:n bien.
* Ba:yıñ oglı ölmä:n, yarlı:ñ ogluna gün dogmaz.
* Baytal hokranmasa, at kişñemez.
* Baytalla: gımız ber.
* Ba:zara baran ba:rın harçlar.
* Ba:zara bar, bagtıñdan gör.
* Ba:zarda nä:tanış yo:k.
* Bela:dan gaça yör, gaça yörseñ ama:nsıñ.
* Bergini beren yeñer, lo:lı-yörä:n.
* Bergili:iñ ma:lı yo:k, hastalı:nıñ ja:nı yo:k.
* Bergili bol-oglunı öyer.
* Berim go:kden yo:l yasa:r.
* Berim bek gapı:nı açar.
* Berip-alıp görmedik, berse u:ktusı tutmaz.
* Bermezek huda:ydan i:rmezek a:wçı.
* Bermeziñ ga:zanı gaynamaz.
* Bä:ş barmak deñ dä:ldir.
* Bi:haya:dan döw gorkan.

* Bi:jeli oglan öykelemez.
* Bi:kä:rden tañrı bi:za:r.
* Bilbiliñ yedi ba:lası ba:r,
  yö:ne onlarıñ bi:ri bilbil.
* Bilegi yogı:n biri yıkar, bilimi yogı:n-müñüni.
* Bilmedige kömür-de bir, demir-de bir.
* Bilmedik öwrener, düşünmedik bilmez.
* Bir kemsiz gözel bolmaz.
* Bir oka:na, bir doka:na,
* Bir gözümi beyleki gözüme mähta:ç etme.
* Bir heleyiñ hi:lesi, kırk eşege yük bolar.
* Bir günüñ gudası-müñ günün doganı.
* Bir günlük yo:la gitseñ, o:n günlük harjı:ñı göter.
* Bir oka:na, bir doka:na.
* Bir gülden bahar bolmaz.
* Bir begenen a:gla:r, bir-de gı:nanan.
* Bir goyundan a:k-da dogar, gara-da.
* Bir gören tanış, iki gören garındaş.
* Bir sıgırlı bir sözlä:r, iki sıgırlı iki sözlä:r.
* Bir ata kırk oglı eklä: pdir, emma.
* Bir gün du:z iyen yeriñe mün güñ sala:m.
* Bir doymak, çala ba:yı:mak.
* Bir ayıpdan ä:r ölmez.
* Bi:rini görüp pikir et,
  bi:rini görüp şükür et.
* Bitine gahar eden köynegini yakar.
* Bi:wepa yoldaşdan wepa:lı it yagşı.
* Bi:zi haltada gizlä:p bolmaz.
* Bogazı bogmasañ, bogaz düyä:ni yuwudar.
* Boljak oglan bokundan belli.
* Bolugsızı alya:nça:ñ bo:y oturgun öli:nçä:ñ.
* Bolugsızı alya:nça:ñ bo:y oturgun öli:nçä:ñ.

* Boş çuwal dik durmaz.
* Bu günlügini tapan erti:rligini gaygı etmez.
* Bu günki i:şiñi ertä: goyma.
* Bugday na:niñ bolmasa, buğday sözüñ yo:kmudı?
* Bulut yagmaz, buyruk yagar.
* Büküri gabır düzeder.
* Ça:ga yıkıla - yıkıla ulalar.
* Ça:galı öy ba:zar,
  ça:gasız öy maza:r.
* Çaman ö:rdek i:r turar.
* Çala eşiden çatma yıkar.
* Çarwaçıda hakıñ bolsa, göçüp geler ya:nıña.
* Çekseñ zähmet, yagar rehnet.
* Çeplekeyiñ çemi bolmaz.
  eden i:şiniñ kemi bolmaz.
* Çıkmadık ca:nda umı:t ba:r.
* Çın dost gara günde belli.
* Çıra:gıñ düybi garañkı.
* Çilimçi:niñ hem içi yanar, hem daşı.
* Çopana u:ki hara:m.
* Deki:n a:hıret yo:k.
* Demirçi:niñ atı na:lsız,
  ä:dikçi:niñ - ä:digi.
* Deñ deñi bilen, tezek ga:bı bilen.
* Deñi bilen degişen utanmaz.
* Deñini tapsañ, deki:n ber.
* Depegenden gaçara:k.
* Deşigi suw tapar, suwı-deşik.
* Dä:lä: dä:li diyseñ, arpa boyi öser.
* Dä:lä: günde bayram.
* Dä:lä: yel ber, eline pi:l ber.
* Dä:lä: ga:ldı bulamak.

* Dä:li bir aydanını müñ aydar.
* Dä:li gaygıdan öler.
* Dä:li:ni tayak yo:la getirer.
* Dä:li:niñ müñ sözi telek, bir sözi gerek.
* Dä:nesiz çöp yo:k.
* Dik bolsa başı, dürs bolar aşım.
* Dil bela: di:ş gala:.
* Dil gılıçdan yiti.
* Da:g da:ga sataşmaz.
  a:dam a:dama sataşar.
* Da:g bö:rüsüz bolmaz.
  i:l-ogrusuz.
* Da:gda öseniñ bagrı gatı.
* Da:gdan arkası bolanıñ daş:dan yüregi bolar.
* Da:gı-da:şı yel bozar.
  a:damza:dı söz bozar.
* Danna:n gı:z ä:rsiz ga:lar.
* Darı ekeniñ darısı bişse da:rıkmaz.
* Da:ş bile uranı aş bile ur.
* da:şı çä-jek, içi mö-jek.
* Dayha:n ga:rda dı:nar, çopan go:rde.
* Daz ata minse tañrısını tanamaz.
* Degme köpe, a:gnadar çöpe.
* Dek gezen dok gezer.
* Dil bilen nöker-bal bilen şeker,
  dil bilmedik nöker - a : brayıñı döker.
* Dal bilen orak orsañ, bi:l a:gırmaz.
* Dile geldi, bile geldi.
* Dili uzı:n bolmadıgıñ, ömri uzı:n bolar.
* Dildir başıñ bela:sı,
  di:şdir diliñ gayası.
* Di:şım, senden ra:zı:dırın-dilime gaya bolduñ.
  dilim senden nä:ra:zı:dırın-başıma bela: bolduñ.

* Dogan bile guda bolma,
  başıña bela geler.
* Dogan dogana gala:,
  dogansızlık ne bela:?
* Doganım-arkada:gım.
* Doganıma höwür däl-de,
  çatılanıma höwürdirin.
* Doganımıñ atı çıkandan, o:ba:daşımıñ iti çıksın.
* Doganıñ iñ yamanı yeñsä:ñde dursun.
* Dogran ejeñ bolmasa,
  dogan dayzañ yo:kmudı?
* Dogruçı:nıñ do:stı yo:k.
* Dogrı gepiñ a:jısı bolmaz,
  egri gepiñ sü:yjüsi bolmaz.
* Dogrı sözlä:n tutular,
  yalan sözlä:n gutular.
* Dogrı gelen ajala Lukma:n heki:m neylesin?
* Dogrı söz da:şdan geçer.
* Dogrı sözüñ do:stı yo:k.
* Dok diyip tilkä: barandan a:ç-da bolsa gu:rda bar.
* Dokuñ a:çdan habarı yo:k.
* Do:nsuzıñ doganı yo:k, ma:lsızıñ-do:stı.
* Doñzı batgada bas.
* Doñza bir ok.
* Doñzuñ a:gı nä:me, garası.
* Do:st bilen iy-iç, aliş-beriş etme.
* Do:st bolmak añsa:t, saklamak kı:n.
* Do:st do:stüñ a:ynası.
* Do:st-da oñsun, duşman-da oñsun,
  do:sta duşma:n oñmasın.
* Do:stsuz başım-duzsuz aşım.
* Do:stuñ bolsun, hasa:bıñ dürs bolsun.

* Do:stuñ könesi yagşı, do:nuñ-tä:zesi.
* Do:stuñı saklama, nepden ga:lmasın,
  duşma:nı saklama, sırıñ bilmesin.
* Do:stuña bereniñi so:rama,
  goñşı:na bereniñi agza.
* Doyan mı:hma:nıñ gözi yo:lda.
* Doyan yerde doklugıñı siñdirme.
* Doymadığın sırgıdı bolmaz.
* Döwlet nirede? - Agzıbi:rlikde!
* Döwük döwler egri bitmekden çüri:m.
* Durna geldi, du:luñı aç,
  ga:z geldi, gapı:ñı aç.
* Düşma:nıñ güldügi - sırıñı bildigi.
* Düye garrasa, potasına eyerer.
* Düye öz boynunuñ egriliğin bilmä:n,
  yıla:na "Boynuñ egri" diyermiş
* Düye yitmese semremez.
* Düye çökerip, çemmer i:şme.
* Düyä: minip hataba bukma.
* Düyeli yu:rt a:ç ölmez.
* Edebiñ yagşısı ulı:nı sı:lamak.
* Egri bolsa-da, yo:l yagşı.
* Ekin ekseñ, bugday ek.
* Ekseñ - orarsıñ.
* El eli yuwar, iki el bi:rigip yüzi yuwar.
* Elde ba:rıñ gadır yo:k
* Elek suw saklamaz.
* Eli ba:rıñ - dili ba:r.
* Eli bileñ eden egni bilen çeker.
* Elimden çıkan egnime yara:r.
* Elli bolduñ, belli bolduñ.
* Emgek göz bile ga:şıñ a:rasında.

* Emeliñ seresi - gü:yç.
* Emen agajıñ egildigi - döwüldigi,
ä:r yigidiñ uyaldığı - öldügi
* Enemde bolsa aların,
A:ya:mda bolsa yala:rın.
* Enesini gör-de gı:zını al,
gırasını gör-de bi:zini al.
* Enesini gör-de gı:zını al,
ä:digini gör-de bizini al.
* Enesiz oglan oynamaz.
* Enesiz oglanın da:yısı yo:k,
atasız oglanıñ - garındaşı.
* Erteki tawukdan şu günki yumurtga.
* Erti:r turup ata:ña gara,
ata:ñdan soñ - atıña.
* Erti:rki guyrukdan şu günki öyken yagşı.
* Esgili:niñ ja:nı yo:k.
* Et yeykesiz bolmaz, toy-öykesiz.
* Eşek minen atsıramaz, ba:lık iyen etsiremez.
* Eşek ö:z deñini gaşa:r.
* Eşek semrerse, eyesini deper.
* Eşiden gulakda ya:zık yo:k.
* Eşiden deñ bolmaz gören göz bilen.
* Eye gözi - em.
* Eyesi iki edeyin diyse, tañrısı bir eder.
* Eyesinden öñ ekine gi:rme.
* Eyesine gerek bolsa, goñşusına hara:m.
* Eyesini ha:lasañ, itiñe süñk taşla.
* Eyesiz eşegı mö:jek iyer.
* A:digiñ da:r bolsa, dünyä:niñ gi:ñliginiñ peyda:sı yo:k
* A:r aybını yo:l açar, ädik aybını - suw.
* A:r ä:rden bogaz.

* A:r başına bela: gelse, iki barmak dilinden geler.
* A:r yeñilse, ele düşer, guş yeñilse - tora.
* A:r i:şlemez, guran i:şla:r,
  guransız barmagın di:şlä:r.
* A:ri ä:r edyä:nem heley, gara yer edyä-nem heley
* Ä:r burunlak bolsun, aya:l - baldırlak.
* Ä:r gorkan yerinden, at ürken yerinden
* Ä:riñ ä:rligini bilmedik, tañrı:ñ birligini bilmez.
* Ä:riñ ä:rden, yeriñ yerden parhı köp.
* Ä:r ölmä:n, ä:r döremez.
* Ä:r göre bıır, at çapa yüwrük.
* Ä:ri na:mıs öldürer, atı - gamçı.
* Gaçanam huda:y diyer, kowanam.
* Gadır bilmedik dogandan, gadır bilen ya:t yagşı.
* Gahar gazapdır, gazap - düşma:ndır.
* Ga:lamnı tapsañ, ga:r yanar.
* Gamşı gowşak tutsañ, elini gıyar.
* Gamış suwdañ doymaz, aya:l - toydan.
* Gapaksız ga:zan gaynamaz,
  enesiz oglan oynamaz.
* Gapıdan tapsañ, tö:re geçme.
* Gapıdan akan suwuñ gadrı yo:k.
* Gara yere ga:r yagıp, ga:rı basmak bir mıra:t,
  gara yerden ga:r ta:yıp, gara yerı basmakda bir mıra:t.
* Gara suw iç-gaygısız yat.
  Garaguş garrasa, garga: i:ym bolar.
* Garaw ba:rdır yersiz urlan tayakda.
* Ga:rda yatan ölmez,u:nda yatan öler.
* Garga: bilbillik başartmaz.
* Garga müñ gı:gırsa, ya:z çıkmaz,
  ga:z bir gı:gırsa, ya:z çıkar.
* Garga:nıñ ga:z ba:lası, her kimiñ ö:z ba:lası.
* Garnı doka bel:a yo:k.

* Garrı oynasa, gay turar.
* Garrı serçe kepege gelmez.
* Garrı öwünjeñ, ba:y yañra.
* Garı:bıñ sözüni yer almaz, yerde-de yatmaz.
* Garı:p i:liñ ba:yı bolma.
* Garı:p pahı:r yamanar, yamanar-da guwanar.
* Garı:p nä:mä: za:r? Odun bile suwa za:r.
* Garı:plık öldürmez, öldürmese-de güldürmez.
* Garı:plıkdan ä:r ölmez, amanat ja:nını gı:na:r.
* Gaygısız gara suwdanam semrä:r
* Ga:z ga:natı bilen uçup, guyrugı bilen gonar.
* Ga:zana ya:naşsañ, garası yokar,
  yamana ya:naşsañ, bela:sı yokar.
* Ga:zançı:nıñ erki elinden gandan gulak çıkarsa.
* Geçä: ja:n gaygı, gassa:ba - yağ
* Geli:nçä: mı:hma:n uyalar,
  gelenden soñ-öy eyesi.
* Geñ göreniñ a:lnıña.
* Geñeşli biçilen do:n gı:sga bolmaz.
* Geñeşlı yerde kemlik yo:k
  geñeşsiz yerde-deñlik
* Gerek deregi yıkar.
* Gerek za:dıñı gereksiz gün al.
* Gerekli da:şıñ agramı yo:k.
* Gö:miçi gelende, gayıkçı gaçar.
* Gä:miçi:niñ ja:nı bır.
* Gılıç yarası biter, dil yarası bitmez.
* Gılıç ö:z gı:nını kesmez.
* Gılıç gı:nında dursa posla:r.
* Gı:mılda:n gır a:şar.
* Gırda yagış yagsa, öyde tezegiñ başı a:gırı:r.
* Gışı gışsıramadıgıñ ya:zı ya:zsıramaz.

* Gışıñ gamını ya:z iy.
* Gışıñ güni kırk tü:ysli, kırkısı-da gılıksız.
* Gışıñ gırıñkı, ogul öyüñki.
* Gı:z satıp, ba:ya:n yo:k
* Gı:zlı yer - nä:zli yer.
* Gızıl görse, hıdır hem a:zar.
* Gı:zım, saña aydya:n, gelnim sen düşün.
* Gı:zımıñ boyu yetdi, öyüme yagı yetdi.
* Giden getirer, oturan nırh so:ra:r
* Gidene yeññe, gelene ba:ldız.
* Gi:je o:t da, gündi:z - tüsse
* Giyew ogul bolmaz, kül - depe.
* Goç yigidiñ yagışısı köp diñlä:r, az sözlä:r.
* Gonak atı golde gerek.
* Goñşı:ñ a:glasa, sen gı:nan.
* Gorkana goşa görner.
* Gorkagı kowsañ, ba:tır bolar.
* Gorkan öñürder.
* Gorkulı yerden kerwen yatmaz.
* Gonşı:ñ aza:r berse - göç,
  di:şiñ aza:r berse - geç.
* Goyunda erek eti, guşda barak eti.
* Göç başı ayrı bolsa, it başı dä:li bolar.
* Göç ga:lsa, göçe yeter,
  göwün ga:lsa nä:mä: yeter?
* Göçen yu:rduñ gadrı gonanda belli.
* Gö:ge tüykürseñ, yüzüñe düşer.
* Gördüm diyen tutular, görmedin diyen gutular.
* Görebilmedigiñ gözi çıksın.
* Göreşde ata:ñı yık.
* Görümiñ nä:me bolsa göreldä:ñ şol.
* Göwün sıgsa, goyun sıgar.

* Göwün yakı:ndan ga:lar.
göz - daşdan.
* Göwün göwünden suw içer, gamış - bogundan.
* Göwni açıgıñ yo:lı açık.
* Göwne garrasa-da, göwün garramaz
* Göz gözden suw içer.
* Göz görer, göwün söyer
* Gözi kö:r dä:l, gursagı kö:r
* Gözi yo:guñ yüzi yo:k.
* Göüni gör, ha:lını gör
* Guda:ñ guda bolı:nça gulun - begın sayla,
guda:ñ guda bolansoñ, gul bolsa-da sı:la.
* Guduzla:n itiñ ömri kırk gün.
* Gul azsa, guya siyer
* Gul mıra:dı - gaçmak
* Gula gul diyseñ ölesi geler,
bege gul diyseñ gülesi geler.
* Gula bela: gelmez, gul bela:nı satır alar
* Gulagıñ garnı bolmaz, siñegiñ erni.
* Gulagıñ garnı yo:k
* Gulan höwrı köp bolsa, bir agsagı bildirmez.
* Gu:rda rehim eden goyna zulum eder.
* Gu:rduñ agzı iyse-de ga:n, iymese - de ga:n.
* Gu:rı söz gulaga yakmaz.
* Gu:rt agzasañ, gu:rt geler.
* Gu:rt ça:gasından ekdi bolmaz
* Gu:rt arkasından guş doymuş.
* Gu:rt a:wunı tilkä: aldırmaz.
* Guş garrasa dırnagından ga:lar,
at garrasa - toynagından.
* Guş ba:r et beryä:rler,
guş ba:r etini iyyä:rler.

* Gülkä: gülmeseñ, göwni ga:lar.
* Gülsüz bilbil sayramaz.
* Gülme goñşı:ña, geler başıña
* Gülüñ biten yerinde gadrı yo:k
* Gün çıkıp yagan yagışdan gork,
  gülüp gepleyä:n ha:ndan gork.
* Gün düşyä:n öyde emçi:niñ i:şi yo:k.
* Gün gü:yçli:niñki, gowurga di:şli:niñki.
* Günde hezıl - ja:na mezil.
* Gündi:z bulut, gi:je ayaz - yıl şumlugı,
  ha:tın semiz, ä:r artık - i:l şumlugı.
* Gürrüñ sü:yji, sa:mança yo:k gü:yji.
* Gü:yçli gü:yjürgense, gü:yç geler,
  gü:yçsüz gü:yjürgense, gü:yç gider.
* Gü:yçli:niñ gül ısı ba:r.
* Hamma:ma giren derlemä:n çıkmaz.
* Hain a:zsa i:line deger,
  ha:tın a:zsa-ä:rine.
* Ha:n ya:nında sakj:ın bolsa,
  gara yerde gä:mi:ñ yörä:r.
* Harıñ i:şi hardır do:stlar,
  müñ magtasañ, atça bolmaz,
* Hasa:p edende bolmaz, nesi:p etmese.
* Hasa:plı do:st uzak gider.
* Hatarda ner bolsa, yük yerde ga:lmaz.
* Haywan ı:sgaşa-ı:sgaşa,
  a:am so:rgaşa-so:raşa.
* Haywa:nı bu:dundan da:gla:rlar,
  Insa:nı - yüreginden.
* Heleyi bolmadıgıñ golayı bolmaz,
  ma:lı bolmadıgıñ - ha:lı

* Heleyiñ doganı doyup çıkar,
ä:riñ doganı goyup çıkar.
* Hemme yeriñ horozınıñ sesi birdir.
* Her gülüñ bir ı:sı ba:r.
* Her kimiñ Watanı ö:züne Müsür.
* Her kimiñ bir derı var,
gegirmençi:ñ derdı suw.
* Her kimiñ bir gaygısı,
kel gı:zıñ ä:r gaygısı.
* Her kişinin yüegi ö:zünüñki,
yagşı:nıñ yüregi - i:liñki
* Her yu:rduñ tilkisini ö:z ta:zısı bilen a:wla:rlar.
* Hı:wa dañkı bilen bi:z öter.
* Ho:z togalakdır, yöne togalak za:tlarıñ hemmesi ho:z dä:ldir.
* Huda:y berse guluna,
getirip goyar yo:luna.
* Huda:ysız çöp başı gı:mıldamaz.
* Hünä:rli ölmez, hüna:rsiz gün görmez.
* Ihla:s bilen a:glasañ,
sokur gözden ya:ş çıkar.
* Inanma:ñız ba:ylıga,
bir gün salar ho:rluga
* Inanmaza ant içme,
öldürjege yalbarma.
* İlkewüñ agzı bir bolsa, asma:nda:ki:ni i:ndirer,
altawuñ agzı a:la bolsa, agzında:ki:nı aldırar.
* İki ayakli iki günde,
dö:rt ayakla dö:rt günde.
* İki a:dam bir a:damıñ huda:yı.
* İki at depişer, a:rasında eşek öler.
* İki bolup, bire degmez,
gözli bolu:p, kö:re degmez.

* İki garpız bir elde tutdurmaz.
* İki goçuñ kellesi bir ga:zanda gaynamaz.
* İki derwüş bir düşege sıgar,
  İki pa:tışa: ä:leme sıgmaz.
* İki dä:lä: bir sag tapılar.
* İkinni:n oturan iki öyli:ni bozar.
* İki pıçak bir gı:na sıgmaz.
* İ:l agzı kera:mat.
* İ:l agzını yıgıp bolmaz.
  çelek agzını bogup bolmaz.
* İ:l bile gelen- toy bile bayram.
* İ:l agzına elli arçın bi:z yetmä:ndir.
* İ:lçä: ölüm yok.
* İ:lde gep köp, jeññelde çöp.
* İlden çıksañam, nırhdan çıkma.
* İ:le bela: yel bile suwdan geler,
  başa bela: - i:ki barmak dilden.
* İ:lim - günüm bolmasa, a:yım - günüm dogmasın.
* İ:lini yamanla:n gırda öler.
* İ:lle gep köp, Mekgede - arap.
* İ:l ogrusız bolmaz, da:g - bö:rüsiz
* İ:l oñlasa, atıñı soy.
* İnerin döli yo:k.
* İñ gımmat za:t akıldır.
* İ:r turanıñ ırsgı artık.
* İ:r gülmedik gi:ç gülmez,
  gi:ç gülmedik hi:ç gülmez,
* İ:r yören yo:lagçı yo:l alar,
  i:r öylenen yigit döl alar.
* İ:r turan i:şden dı:nar.
* İ:r yatda, i:r tur,
  altı pişegi artık ur.

* İ:ş akılı tapar, akıl - i:şi.
* İ:ş ba:r i:ş a:rasında, keba:p ba:r çi:ş a:rasında.
* İ:ş köp kömür a:z,
  dert köp derma:n a:z.
* İ:şi gaydan aya:l üstüne aya:l alar.
* İ:şikden tapsañ tö:re geçme.
* İ:şlemedik - di:şlemez.
* İt ata, ä:r-da:ya:
* İt gara görmese ü:yrmez.
* İt geda:ydan gorkar, geda:y-itden.
* İt gözünden garra:r, ınsa:n - yüzünden.
* İt doyan yerinde ga:lar,
  ö:r dogan yerinde ga:lar.
* İt içen suwdan at içmez
* İt ite çeker, ä:r - da:ya:
* İt et iyse-de iti iymez.
* İt üyrer kerwen geçer.
* İt ite buyrar, it - guyrugına.
* İt wepa:, aya:l bi:wepa:
* İti öldüren üs:yrä:r.
* İtiñ goynundan altın assan, it-de yıgla:r, altın-da.
* İti yo:k çopanıñ a:brayı yo:k.
  İy.ip doymadık, yala:p doymaz.
* İyme na:ma:rt ekmeğini,
  ga:lar di:şiñ a:rasında.
* Ja:nam agızdan çıkya, lebizem.
* Ja:nı saga günde toy.
* Ja:nı a:gırmazıñ ya:nında başıñ a:gırmasın.
* Ja:nı yanan tañrısına garga:r
* Jema:gatıñ kö:r bolsa, bir gözüñi yum.
* Keçä:ni kim bassa, şonun çigni a:grar
* Kel gı:za ä:r gaygı.

* Kerwen geçer, o:t ga:lar,
  İl göçer, yu:rt ga:lar.
* Keselli:niñ (eskiliniñ) ja:nı yo:k.
* Keyik agsagını bermez.
* Kä:kelâ:ñ towuk yumurtgalaman dı:nmaz
* Kä:şgä:ni ekseñ-de bitmez.
* Kırk yıl geda:ylık yo:k,
  kirk yıl ba:ylık yo:k.
* Kırkıñ içinde bir agsagı bilinmez.
* Kırkıñ içinde ja:nını gaygıran ka:pır.
* Kimler gazar guyı:nı,
  kimler içer suwunı.
* Kö:nesi bolmadıgıñ tä:zesi bolmaz
* Kö:ne küyzä:ñ suwı sowuk.
* Köñül sıgsa, goyun sıgar.
* Köp ber, gözel al.
* Köp bıldı, bok boldı.
* Köp bolsañ, köp tommuk bolarsıñ
* Köp ya:şa:n bilmez, köp gören biler.
* Köp ya:şa:n köp bilmez,
  köp oka:n köp biler.
* Köpden çıkıp yo:l tapandan,
  köp bolup a:zaşan yagşı.
* Köpe yüwren a:zdan ga:lar
* Köpi söymedik köpünsiz öler.
* Köpüñ agzı bir bolsa.
  biriñ agzı yo:k bolar.
* Köpüñ dilegi kö:l bolar.
* Kö:r tayagını bir gezek aldırar.
* Kö:r tutanna bek.
* köse günde ya:ş.
* Kösewi:ñ uzı:n bolsa, eliñ köymez.

* Kişi geymi kirçil,
  Kişi atı derçil.
* Kö:zi ilki ö:züñe bas,
  ötmese - kesekä:
* La:lıñ diline enesi düşer,
* Ma:l eyesiniñ gözünden suw içer.
* Ma:l eyesine meñzemese - şumluk.
* Ma:lı giden garı:p dä:l, a:brayı giden garı:p.
* Mä:lı yo:guñ ha:lı yo:k.
* Ma:lım ba:r - ha:lım ba:r.
* Ma:llı kişi - ha:llı kişi.
* Ma:llı:ñ yüzi yarık,
  ma:lsızıñ yüzi - çarık.
* Maslahatlı biçilen do:n gı:sga bolmaz.
* Mellekçä: yer berseñ yer eyesini yerden çıkarar.
* Mertde akıl bolmaz, na:ma:rtda i:ma:n
* Mert ö:zünden görer, na:ma:rt yoldaşından.
* Mä:rekede agzını yapmaz, orta çıksa söz tapmaz.
* Mı:hma:n ata:ñdan ulı.
* Mı:hma:n birinji gün gızıl, ikinji gün kümüş,
  üçünji gün mi:s, dö:rdünji gün pi:s.
* Mı:hma:n mı:lma:nı gıssanar,
  öy eyesi - ikisinem.
* Mı:hma:n öy eyesiniñ gulı.
* Mı:hma:na ma:l soymak mertlik dä:l ba:rlık.
* Mı:hma:nıñ önünde aş goy, iki elini boş goy.
* Mi:we ö:z agajından daşa gaçmaz.
* Molla bolmak añsa:t, a:dam bolmak kı:n.
* Molla: ber-de dilini çek,
  ussa: ber-de-eliñi.
* Molla:nıñ diyenini et,de, edenini etme.
* Mollası köp bolsa, toklusu hara:m öler.

* Mö:jegiñ agzı iyse-de ga:n, iymese - de ga:n.
* Mün gaygı bir i:ş bitirmez.
* Müñ dayza bir ejä:niñ yerini tutmaz.
* Müñ hünä:rden zerre döwlet yagşıdır.
* Müsürde şa: bolandan, ö:z yu:rdumda geday bolayın.
* Na:da:n ogul atasına seretmez.
* Na:ma:rda barma, yaga: yalbarma.
* Na:ma:rda yalbarandan, yat-da ya:nıña garban.
* Nebis a:damı gö:re elter.
* Nä:kes yagşı-yamanı nä:bilsin.
* Nesye guyrukdan, gagıt öyken yagşı.
* O:dı ilki ö:züñe bas, ötmese - kesekä:
* O:dı go:zgasañ öçer,
  goñşı:nı go:zgasañ göçer.
* O:dun diyeniñ çöpdür, çöplä:berseñ köpdür.
* O:dun olja, suw gırgın.
* Oglana yumuş buyur, ı:zından özüñ yüwür.
* Oglanı ya:şdan, aya:lı başdan.
* Oglanlı öy ba:zar, oglansız öy maza:r.
* Oglanlı öyüñ ogurlıgı yatmaz.
* Oglı eklä:n tanair, otı-saklain.
* Oglı yamanıñ atasını düye üstüñde it gapar.
* Ogluñ ba:rka: ogra: gülme,
  gı:zıñ ba:rka: lo:la: gülme.
* Ogluñ bile uruşsan, tö:re çık
  Giyewi:ñ bile uruşsañ, gıra çık.
* Ogrı göti gowşak.
* Ogul iyer, ö:re gider.
  gı:z iyer, gıra gider.
* Ogul öyüñki, gı:z gırıñkı.
* Ogul - sü:yt, agtık - gaymak.
* Ogullı-da a:gla:r, ogulsız-da a:gla:r.

* Ogurlık eden uyalmaz, üstüne gelen uyalar.
* Oka:n oglan atasını yeñer.
* Oklı tüpeñden bir gorkar,
okuz tüpeñden müñ kişi gorkar.
* O:t bela:sıñdan sakla, suw bela:sından
sakla, yel bela:sından sakla, nehak töhmetden sakla.
* O:t tüsessiz bolmaz, ä:r - ya:zıksız.
* O:tdan kül dogar, zaherden - bal.
* Oturmakdan i:ş bitmez
garrı ma:ma: di:ş çıkmaz.
* Oyna:p aytasan-da, o:yla:p ayt.
* Oynasa oglı yeñer, çınlasa - atası.
* Oyun bilmeseñ oyunça: ökün.
* Oyunda ata:ñı ut.
* Oynunda ba:rıñ o:yunda ba:r.
* Ozal öyüñi düzet, soñ-ö:züñi
* Ökünçsiz ölüm bolmaz, öykesiz - toy.
* Ö:l tezek, gu:rı tezek,
her kime geler gezek.
* Ölçermesini bilseñ, ga:r yanar.
* Öldürjege yalbarma
* Ölen bugra:nıñ başından di:rı atan gorkar.
* Öli arslandan di:ri sıçan.
* Öli:niñ jezası ti:z gömmek.
* Ölüsini sı:la:n ba:y bolar,
di:risini sı:la:n - beg.
* Öñüm bolandan soñum bolsun.
* Öte eşinden öy yıkar.
* Öwrenen gılık örkleseñem durmaz.
* Öwrenen gılık ölende ga:lar.
* Öy ö:zimki diyip sözleme,
öy a:rdında kişi ba:r

* Öy alma, öyden ilki goňşı al.
* Öykelâ:niň pa:yı sü:yji.
* Öyleden soň gün durmaz,
  yetişen soň gı:z durmaz.
* Öylenme, o:ylan - yetişersiň.
* Öyüne mı:hma:n gelende, heleyi yaman öküner.
* Öyüň i:şi öyden ulı.
* Ö:z gadrını bilmedik - i:liň gadrını nä:bilsin.
* Özgä:ňki etden öter, ö:züňki - süňkden.
* Ö:zi yıkılan oglan a:glamaz.
* Ö:zi ä:r bolup dogana, bir gün Gün dogar.
* Özüňi sü:yt bil, do:stuňı - gaymak.
* Ö:züni bilen - weli:
* Ö:züňki ö:tden a:jı.
* Pa:tışa:nıň dilegi pa:tışa:dan bier,
  garı:bıň dilegi - garı:pdan.
* Pesi görüp şükür et,
  beyigi görüp pikir et.
* Pıla:n yerde altın ba:r,
  barsaň bakır tapılmaz.
* Pi:s pi:si tapar, suw - pesi.
* Pişigiň yüwrükligi sa:manha:na: çenli.
* Pulı yo:guň yüzi yo:k.
* Pulsuz ba:zara barandan,
  köpünsiz gö:re bar.
* Put akılım bolandan, mısga:l nesi:bim bolsun.
* Sabırlı gul dura - dura şa:t bolar,
  sabırsız gul bara - bara ma:t bolar.
* Saglıgıň gadrını bilgil hasta bolmazdan burun,
  hastalık gadrını bilgil tä:ki ölmesden burun.
* Saglık - ba:ylıgım, bagtım.
* Sak bolsaň, dok bolarsıň.
* Sakaw sözlemsek, agsak - a:dımsak.
* Sakawuň soňuna seret.

* Sa:ya:nı ekmedik salkında yatmaz.
* Sebä:psiz çöp başı gı:mıldamaz.
* Serçe semrä:r, ba:tmam bolmaz.
* Serçeden gorkan darı ekmez.
* Sepli gelnimden epli gelnim.
* Sıçança yagı:ñ bolsa, arslança gör.
* Sıgrıñ şahına ursañ, enda:mı sızla:r.
* Sırını bilmedik atıñ sırtından geçme.
* Sıŋıñı aytma do:stuña, do:stuñ do:stı ba:rdır, o-da aydan do:stuna.
* Sowàtlı da:r yere sıgar.
* Sokur sokura bo: diyer.
* So:pı sogan iymez, tapsa ga:bıgını goymaz.
* So:ra:p berenden urup ber.
* So:raşan yeter, gözlä:n tapar.
* Söylenişen yıkılmaz.
* Söwüşsiz toya na:let.
* Söz sözden çıkar, sözlemeseñ gandan çıkar?
* Söz aytsañ, zergä:re ayt.
  na:da:na aytsañ, gadrı yo:k.
* Söz sözleseñ, öwel sözle,
  aygak geler soñkusı.
* Suwdan ötseñ, a:ldın öt,
  palçık bolar soñkusu.
* Ağaç kesseñ, artık kes,
  gı:sga geler soñkusı.
* Keçe kesseñ, kemtik kes,
  Sü:yne geler soñkusı.
* Söz sözi çıkarar,
  yudruk-gözi.
* Sow so:ra:p gelen çelegini yaşırmaz.
* Suw akar, da:ş ga:lar.
* Suwsuz yeriñ otı eyesiz,
  ogulsız yeriñ - ma:lı.
* Süri:niñ bir agsagı bildirmez.
* Sü:yde siñe seretsen, ga:n görner,

* Sü:ytde agzı bişen suwı üflä:p içer.
* Şä:girdi halı:pasından ozmasa, kä:r yiter.
* Ta:gan ayagı üç bolar,
  bi:r-bi:rine gü:yç bolar.
* Tamdıra gızanda yap.
* Ta:nalı da:rıkmaz.
* Tañrı:ñ güni darıdan köp.
* Tapan begener, tana:n alar.
* Tayagıñ iki u:jı ba:rdır.
* Tayı at bolı:nça, eyesi it bolar.
* Ta:ypası köpüñ okı yo:galsa-da tapılar,
  yalñı:zıñ ya:yı yo:galsa-da tapılmaz.
* Tentek ba:tır ti:z öler.
* Tentek toy eder, tö:ründe ö:zi oturar.
* Tentek mo:lla:ñ dek:n da:wa:sı.
* Tı:g yarası biter, dil yarası bitmez.
* Tikensiz gül bolmaz, zähersiz - bal.
* Tikinçi:niñ yaragı - inne bilen sapagı.
* Tilki turan yerden gu:rtda turar.
* Tomus depesi gaynamadıgıñ gış ga:zanı gaynamaz.
* Towşana dogduk depe.
* Töwekgel da:ş ya:rar,
  da:ş ya:rmasa, baş ya:rar.
* Toya barsañ doyup bar,
  dorka do:nuñ geyip bar.
* Toya barsañ burun bar,
  burun barsañ, orun ba:r.
* Tutan i:şiñe bek bolsañ, bekiñ atası yıglamaz.
* Tükellä:ne tükel dä:ldir bu günyä:
  tükellemeze tüp-tükeldir bu günyä:
* Tüsseli öy buymaz,
  arkalı öy a:ç ölmez.

* Uzadandan yoldaş bolmaz.
* Uzak yo:l atı sı:na:r,
agır gün - ä:ri.
* U:kı yassık islemez.
* Ulı:nıñ diyennı etmedik uwla:r.
* Ulı:nıñ uyalası gelse, kıçä: deger.
* U:nda yatan öler, ga:rda yatan ölmez.
* Uruş, sö:güş, yaraşma:ga yer goy.
* Ussa: berseñ elini çek, molla: berseñ - diliñi.
* Ussa i:şlemez, guran i:şlä:r,
guransız barmagın di:şlä:r,
* Ussa:t gören kişiler her yerlerden yorgala:r,
ussa:t görmedik kişiler ondan-mundan garbala:r.
* Üç günlük yo:la gitseñ, yedi günlük a:zık al.
* Üç et-de, bes et.
* Üçüñ bi:ri ha:na yara:r
* Üyrebilmedik it öyüne gonak getirer.
* Yabı:nıñ gerimi bolmaz, molla:nıñ - berimi.
* Yagı yalbaranıñı bilmez.
* Yagı:nı gaygıran yaga:düşer.
* Yagı:nıñ daşından içi yagşı.
* Yağmır bilen yer ya:şa:r,
alkış bilen ä:r ya:şa:r.
* Yagşı söz yıla:nı hi:nden cıkarar.
* Yagşı söze da:ş ya:rılar.
* Yagşı heleyiñ içinde eyer-içirgili at yatar.
* Yagşı ogul i:le ortak, yaman ogul - ma:la.
* Yagşı gün ya:t yagşı, ga:nlı gün garındaş.
* Yagşı bilen bile yörseñ, mıra:da elter,
yaman bilen bile yörseñ, uyada elter.
* Yagşı gı:zı alısa cıkar - a:dı çıksın.
yaman gı:zı alısa cıkar - a:radan çıksın.
* Yagşı ata bir gamçı,
yaman ata müñ gamcı.

* Yagşı ata:nıñ ma:lı yagşı ogla-da ga:lmasın,
yaman ogla-da ga:lmasın
* Yagşı söz baldan sü:yji.
* Yagşılıga yagşılık her kişi:niñ i:şidir,
yamanlıga yagşılık ä:r kişi:niñ i:şidir.
* Yagşılık yo:lda ga:lmaz.
* Yagşılık işi ti:z tut, yamanlık a:ralaşmazdan burun.
* Yagşılık et-de suwa taşla, ba:lık biler,
ba:lık bilmese, Ha:lık biler.
* Yagşı:nı sı:lasañ, ya:dından çıkmaz,
yamanı sı:lasañ ya:nından gitmez.
* Yagşı:nı gör-de pikir et,
yamanı gör-de şükür et.
* Yakma-bişersiñ,
gazma-düşersiñ.
* Yalançı tö:re bir geçer.
* Yalançı yarı:maz, ogrı ba:yı:maz.
* Yalançı:nıñ şa:ya:dı yanna.
* Yalancı:nıñ çını za:ya.
* Yalañaja ya:z yagşı.
* Yalañajı ursañ, içmekli gorkar.
* Yalım a:z bolsa-da, yalagım gi:ñ bolsun.
* Yalñı:zıñ (yekä:niñ) çañı çıkmaz.
* Yaltanan yal tapmaz.
* Yaman habar atdan yüwrük.
* Yaman habar ti:z yayra:r
* Yaman ölse, biri öler,
yagşı ölse, ba:rı öler.
* Yaman ata yal bitse, yanna torsuk ba:glatmaz,
Yaman kişä: ma:l bitse, yanna goñşı gondurmaz.
* Yaman bile aş a:şandan,
yagşı bile da:ş daşa.
* Yaman araba yo:l bozar,
yaman a:dam i:l bozar.

* Yaman tapsa, bi:ri iyer,
  yagşı tapsa, bi:ri iyer.
* Yaman gep gılıjı gı:nından çıkarar.
* Yaman aya:l mı:hma:n gelende, öy süpürer.
* Yamana sırıñı aytma,
  aytsañam, çınnıñı aytma.
* Yamana yalbarandan, ya:nıña yat-da garban.
* Yamandan boyuñı satın al.
* Yamanıñ ayagı segsen,
  birewi degmese, birewi deger.
* Yamanıñ dili a:jı.
* Yansam-da ya:z yagşı,
  iymesem-de may yagşı,
  bermese-de ba:y yagşı.
* Ya:rından ayrılan yedi yıl a:gla:r,
  yu:rdundan ayrılan öli:nçe a:gla:r.
* Ya:t itiñ guyrugı yamzında.
* Yatan yıla:nıñ guyrugına basm.a
* Yatan öküze i:ym yo:k.
* Yatkkan ölmez, yeten öler.
* Yatana yıla:nam degmä:ndir.
* Yatıp ga:landan atıp ga:l.
* Yatmak ölümden, gezmek ömürden.
* Ya:z yüñi keçä: bolmaz,
  gü:yz yüñi-dolaga.
* Yedı gezek ölç, bir gezek biç.
* Yegen u:jı yagı, yagı:m bolsa-da gowı.
* Yeke gülen masgara.
* Yeke gezen heder eder.
* Yekelik huda:ya yagşı.
* Yekä:niñ çanı çıkmaz.
* Yekä:niñ ya:rı huda:y.
* Yel soñı-yagış.

* Yel bolmasa, sowuk yo:k,
  ma:l bolmasa, yakı:n yo:k.
* Yelli gün yort, yagışlı gün yat.
* Yer a:la - yu:rt a:la.
* Yer astında yıla:n gäwşese-de i:l biler.
* Yer doyma:n, ä:r doymaz.
* Yer gatı bolsa, öküz öküzden görer.
* Yerden tapsañam, sa:na:p al.
* Yere bakandan yer gorkar.
* Yerı ba:yıñ - i:li ba:y.
* Yeri gü:yz sür, gü:yz sürmeseñ, yüz sür.
* Yeri bejermediğiñ tohumı hara:m.
* Yeriñ yüzüni suw alsa, guba ga:zın dö:şünden
* Yeseriñ yedi yerde zıya:nı yeter.
* Yeti:m owlak saklasañ, agzıñ-burnuñ may eder,
  yeti:m oglan saklasañ, garabaşıña gay eder.
* Yetim aşı ya:rpa: bişer.
* Yeti:miñ boynı salık,
  ya:zıklı:ñ - yüzi.
* Yıkılan göreşden doymaz (gaytmaz).
* Yıla:nıñ ulusı-da bir, kiçisi-de.
* Yigit ni:reden bolsun, da:yısı bolmasa
* Yigit ya:erinlek gerek, ya:-burunlak.
* yigit ma:lı yılkıdır,
  yılkısızlık gülküdir
  Yigitden nesi:p gider bolsa,
  tükeniksiz u:kudır.
* Yigit zurya:tsız bolmasın.
* Yigit garı:p dä:l, ebi (ha:lı) garı:p.
* Yigidi do:stundan tana.
* Yigidiñ yere bakandan,
  suwuñ siñi:n akandan.
* Yigide müñ hünä:r hem a:zdır.
* Yigidiñ yo:lı egrelmä:n, dogralmaz.

* Yo:guñ yo:n gatı,
arıgıñ - göni.
* Yo:la gitseñ, yoldaşıñı düzelt,
öyde otursañ - sırdaşıñı.
* Yo:lagçı yo:lda yagşı.
* Yo:lda a:zaşan ö:züni tapmaz.
* Yoldaş yo:lda belli
* Yoldaşıñ garga bolsa, iymitiñ poh.
* Yo:lı yörä:n yeñer, guda:nı-beren.
* Yo:lı ı:zlasañ, yo:la elter
* Yorga: - yo:l, yüwrüge - meyda:n.
* Yorganıña görä: ayak uzat.
* Yortan ozar, yatan - toza:r.
* Yöre yo:la elter, yo:l - guya:
* Yören atdan yo:l ga:lar,
tapan ä:rden ma:l galar.
* Yören getirer, oturan yitirer.
* Yu:rdundan a:zaşan yedi yıl a:gla:r,
yerinden a:zaşan ö:li:ncä: a:gla:r.
* Yu:rduñı terk ediji bolma.
* Yu:rt alma, gonşı al.
* Yüpek do:nuñ içinde yagşı-yaman tanatmaz.
* Yüzi açıgıñ yüregi açık.
* Za:dam za:tla: gerek.
* Zer gadrını zergä:r biler.
* Zıya:nıñ ya:rısından gaytmak-da peyda:lıdır.
* Zo:rlı biri yıkar, bilimli - köpi.

## TÜRKMEN MATALLARI

* Aba garga:m bu garga:m
  Bagrı gayşık suw yorga:m,
  Hölen görse otlamaz,
  Höwrün görse kişnemez **(ba:lık)**.
* Agaç gümmez, ne agzı ba:r, ne gapısı **(ho:z)**
* A:gıl do:lı a:k guzı,
  erti:r tursam yo:k guzı **(yıldız)**
* Agır ha:lı:mı kakabilmen,
  ownuk di:şimi dökebilmen **(yıldız)**.
* Agramı aşıkça, kölegesi köşekçe **(ya:nlık)**
* Agşam sepdım darı:nı,
  erti:r görmen bi:rini **(yıldız)**
* Agzı bir, dili iki, ja:nı yo:k
  geplä:n sözünin sa:nı yo:k **(galam)**
* A:k gı:ñajı başında,
  hemme kişi daşında **(pelte çıra)**.
* A:k yere gara darı,
  seçen kişiler orar **(hat)**.
* A:k küyzede iki suw,
  iki hi:li tagamlı **(yumurtga)**.
* Altı ayaklı at dä:ldir,
  Dö:rt gözli döw dä:ldir,
  Yer gazar sıçan dä:ldir,
  Çommalar a:dam dä:ldır **(tomzak, togusma:n.)**
* Añırsı gaya, bä:risi gaya,
  orta:rası sa:rı maya **(yumurtga)**
* A:rmaz, ya:damaz,
  araba:nıñ, ı:zından ga:lmaz **(kölege)**.
* Astı da:ş, üsti da:ş,
  a:rasında ya:glı da:ş **(pışba:ga)**.
* Atası üç ya:şında
  oglı ba:zara gider **(üzüm)**.
* Atdan beyik, itden pes **(eyer)**.
* Ayagı ba:r, dı:zı yo:k,
  kirpigi ba:r, gözi yo:k **(kömelek)**.
* Ayaksız towsar, gara yeri böwser **(yıla:n)**
* Aylanıp-aylanıp bogaz boldı **(saralan i:k)**.

- Başı darak, guyrugı orak **(horaz).**
- Bä:ş yüz tanap gurdular,
  Demir penjä: urdular,
  Ä:lem bilen jahana
  Owa:z ba:rın berdiler **(dokuma, darak).**
- Bir alla:nıñ buyrugı, dö:rt yerinden guyrugı **(serpik).**
- Bir derede böwri a:laja guş yatı:r **(göz)**
- Bir a:laja yumagım,
  degre daşlara yeter **(göz).**
- Bir teregim ba:r on iki şahalı,
  her şahası otuz yapraklı,
  yapragınıñ bir yüzi a:k, bir
  yüzi gara **(yıl; a:y; otuz gün; gi:je,gündi:z).**
- Bir kiçkene ö:zı ba:r,
  gabat-gabat do:nı ba:r **(sogan).**
- Bir kiçkene ö:zi ba:r,
  müñ garaja gözı ba:r **(tüynük).**
- Bi:yt-bi:yt bileñ at,
  Bi:li ñâ:zik küreñ at,
  Da:gdan, da:şdan gaytmaz at,
  Da:law degip ölmez at **(garınçga, garınca).**
- Biz-ä: bizdik,
  Sa-nytmez gı:zdık,
  Agşam ba:r bolduk,
  Erti:r yo:k bolduk **(yıldızlar).**
- Boyı bir garış,
  Sakalı iki garış **(mekgejöwen).**
- Çına:r agajıñ başında
  Çeltemıra:t a:tlı guş otı:r.
  Onı almaga ä:r gerek,
  yüreginde kä:r gerek **(ılım).**
- Da:gda dalaymanı gördüm,
  Suwda Süleyma:nı gördüm,
  Du:zsuz bişen aşı gördüm,
  Gä:wşä:p duran da:şı gördüm **(garınçga, gä:mi, sü:yt, degirmen).**
- Da:gdan gaydar gı:gırar,
  Yo:l boyunça: sı:gırar,
  Astın-üstün etdim diyip,
  Yolbars kimi:n ba:gırar **(si:l).**
- Daşdan görseñ, bir gara,
  yanna barsañ müñ gara **(atıñ guyrugı).**
- Daşı ga:n ya:lı, içi u:n ya:lı,
  oturuşı Abdılla ha:n ya:lı **(igde).**

- Degirmen-degirmen da:şı ba:r,
  Altın eyer ga:şı ba:r,
  Onı bilen yigidiñ
  yüz yigrimi ya:şı ba:r **(Gurha:n).**
- Dö:rt lap-lap,
  Egri sap-lap,
  İki tikeç
  Bir bulawa:ç **(iki örküçli düye).**
- Daydurman yatar, bıldırmä:n tutar **(gapan).**
- Egrijesinden tutdugım,
  agzına derma:n atdığım **(demkeş).**
- El bilen ekerler, dil bılen
   орarlar **(hat, yazuw).**
- Erti:rine dö:rt ayak,
  Günorta:nlar iki ayak,
  Agşamlara üç ayak **(A:damıñ ça:galık, orta we garrı ömri).**
- Esetdi, esetdi, birden çirkin ses etdi **(tüpeñ).**
- Gabat-gabat gatlama,
  gatlamadan ä:tleme **(Gurha:n).**
- Gadırlı gala:ma gıldan sala:m **(göz, kirpik).**
- Ga:n başlı ga:n ayaklı,
  üç başlı o:n ayaklı **(sıgır, onuñ gölesi, sagıp oturan aya:l).**
- Ga:rdan a:k, ga:ndan gızıl **(igde).**
- Gara oglan atlananda,
  hemme kişi:ñ gözi şonda **(atarılan ga:zan).**
- Gara öyüñ aşa:gını gızıl öküz
  yala:p otı:r **(atarilan ga:zan; aşa:gında yanıp duran o:t).**
- Garadır garga dä:ldir,
  Ga:natlıdır guş dä:ldir,
  I:sırganar it dä:ldir,
  Çommalar a:dam dä:ldir **(tomzak, togusma:n).**
- Garaja go:l içinde sa:rı ya:glık
  yalpılda:r **(çelpek).**
- Garaja oglan ho:z oyna:r,
  gış oynamaz, ya:z oyna:r **(tozmak, togusma:n).**
- Garaja oglan oynadı,
  yüregim kuwwa:tlandı **(ga:zan).**
- Garañkı öyde garnı ya:rkı gart yatı:r **(bukja)**
- Garañkı öyde gaplañ gürlä:r **(degirmen).**
- Garañkı öyüñ içinde gara zümbül oynaya:r **(büre).**

* Garañkı öyde bi:li ba:glı gul yatı:r **(subse).**
* Garrı düyä:m çöküp otı:r,
garın ya:gın döküp otı:r **(jıkır).**
* Gel diysem gelmez,
gelme diysem geler **(do:daklar).**
* Gelmesem ça:gırya:rlar,
gelsem gaçya:rlar **(yagın).**
* Gış erä:r, ya:z doñar **(şo:r yer).**
* Gızıl sıgır a:gnadı,
ol yere ot bitmedi **(o:t).**
* Gider-gider ı:zı yo:k,
dayanma:ga dı:zı yo:k **(yel)**
* Gi:je bogaz, gündi:z gısır **(yorgan).**
* Gök atım guya batdı,
gulakları üstüne galkdı **(gaşık börek).**
* Gö:k düwünçege düwüp, gö:ge sala:m
i:berdim **(tüsse).**
* Gözüñ bile görmeli,
Gözüñ bile gezmeli,
ne ja:nı ba:r, ne dili
özünden añlamlı **(hat).**
* Gu:rı ya:p içinde gulan gı:gırya:r **(gargı tüydük).**
* Gündi:z öli, gi:je di:ri **(yarga:nat).**
* Gür gamışa: gür gamış,
Hatarda duran gamış,
Gür gamışıñ içinde
Altın saplı bir gamış **(orta barmak).**
* Hi:n agzı töñgelek **(sırga).**
* Hekkel-hekkel ayaklı,
segsen dürli tayaklı **(kirpi).**
* İçi ga:r, astı boraga:n **(elek, un).**
* İki yigit bileydu:r
ayagı yere degmeydu:r **(terezi).**
* İki u:ç, iki halka,
ortasında mı:hı ba:r **(gayçı)**
* İki enä:nıñ o:n oglı ba:r,
hemmesiniñ a:dı bir **(barmak).**
* İki agaçdan kellesi,
başı altmış jıgalı **(yüñ darak).**

- İkidir atası, on ikidir ba:lası.,
  Üç yüz altmiş uyası **(bir yıl).**
- İl yatsa-da, Esengeldi yatmaz **(malların̄ şahı)**
- İn gü:yçlüleriñ gü:yçlüsinden
  hökümi gü:yçli **(ça:ga).**
- İ:şigimiñ düybünde bi:li ba:glı gu:rtga otı:r **(sübse).**
- İymä:ge heserlije, on bir gatlı
  do:nluja **(sogan).**
- Ja:nı ba:r-da, ga:nı yo:k **(kelebek).**
- Keltejik boylı, gırmızı do:nlı **(gızıl burç).**
- Kırk gısrak bir guyudan suw içer **(u:k).**
- Kırk günlük ömri ba:r,
  dö:rt u:ka emri ba:r **(gurçuk).**
- Kölegesiz go:l a:şar **(ses).**
- Kürreli eşek o:ba gezer **(sokı)**
- Matal matdık yo:lda yatdık **(sıgrıñ tezegi).**
- Matal-matal ma:l eke,
  Guyrujagı a:la eke.
  Tuma:n a:la tüysı ba:r,
  Guyrugında meñi ba:r **(atyalman)**
- Mundan urdum gılıjı,
  arapda şañla:r u:jı **(yıldırım).**
- Ne agzı ba:r, ne burnı,
  gepleşer a:dam bilen **(hat, kita:p).**
- Öyden ulı, topukdan kiçi,
  ötden a:jı, sü:ytden sü:yji **(ho:z)**
- Pa:tışa:dan hökümli,
  hemme gülden yakımlı **(ça:ga).**
- Pessejik da:gdan ga:r yagar **(elek, u:n).**
- Sümme siñer, sü:ydi damar,
  Gı:r at gaçar, boz kowar **(sapaklı iññe)**
- Ta:bakda bolmaz, ga:zanda bişmez
  ondan da:tmadık, a:dam hem bolmaz **(ene sü:ydi).**
- Tap etdi, ta:bagımıñ düybi gaçdı **(sıgrıñ tezegi).**
- Telpekli oglan yeri böwsdi **(kömelek).**
- Tes-tegelek gızıl da:ş,
  jümle ä:lem ondan hoş **(Gün).**
- Tur güjügim, öye aylanıp

yat güjügim **(urgan).**

* Uzı:n-uzı:n ulafa,
  U:jı meniñ golumda,
  Sandırgalı sa:rı altın,
  Sapı meniñ golumda **(tamdıra).**

* Ü:yrmez, di:şlemez
  öye a:dam goybermez **(glup).**

* Yakası ba:r, ya:nı yo:k **(köpün)**

* Yalama gaya:ñ yüzünde
  yagır atıñ ı:zı ba:r **(gö:bek).**

* Yalt etdi, yapı a:şdı **(pä:ki)**

* Yastıgımıñ aşa:gı ya:rtı epmek **(A:y)**

* Yatak do:lı yüñ düşek,
  men alma:ga düşek yo:k **(ümür).**

* Ya:ş başında orak ya:lı,
  orta ya:şda çörek ya:lı **(A:y).**

* Yedi deşikli gıl yumak **(kelle)**

* Yer üstünde ya:glı yüp **(yıla:n)**

* Yer astında ya:glı çı:bık **(yılan).**

* Yer astında ya:glı yumak **(sıçan).**

* Yer astında altın gazık **(ka:şir).**

* Yeri a:k, tohumı gara,
  el bilen ekerler,
  dil bilen orarlar **(hat, yazuw).**

* Yerden çıkan peşa:na,
  peşi meñzä:r i:şa:na **(kömelek).**

* Yılt etdı, yılga: gi:rdı **(mañka).**

* Yörä:r-yörä:r ı:zı yo:k,
  Dayanma:ga dı:zı yo:k,
  Öyermä:ge oglı yo:k,
  Çıkarma:ga gı:zı yo:k **(tüweley).**